# BANK HABARLARY
## БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

2021

TÜRKMENISTAN – PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ WATANY



№11/2021



Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2021-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna
### на 1 декабря 2021 года

Aşgabat 2021

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ

**YKDYSADY HYZMATDAŞLYK GURAMASYNYŇ DÖWLET BAŞTUTANLARYNYŇ XV SAMMITI MYNASYBETLI ŞAÝY PULLAR**
ПАМЯТНЫЕ МОНЕТЫ В ОЗНАМЕНОВАНИЯ XV САММИТА ГЛАВ ГОСУДАРСТВ ОРГАНИЗАЦИИ ЭКОНОМИЧЕСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА
3

## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

**YKDYSADY ÖSÜŞI GAZANMAKDA SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ AÝRATYNLYGY**
ОСОБЕННОСТИ ЦИФРОВЫХ ТЕХНОЛОГИЙ В ДОСТИЖЕНИИ ЭКОНОМИЧЕСКОГО РОСТА
5

**GARAŞSYZ TÜRKMENISTANA 30 ÝYL!**
НЕЗАВИСИМОМУ ТУРКМЕНИСТАНУ 30 ЛЕТ!
9

**MILLI MANAT - MILLI GYMMATLYK**
НАЦИОНАЛЬНЫЙ МАНАТ - НАЦИОНАЛЬНАЯ ЦЕННОСТЬ
13

**INNOWASION TEHNOLOGIÝALAR ULGAMYNY ÖSDÜRMEGIŇ ÄHMIÝETI**
ВАЖНОСТЬ РАЗВИТИЯ СИСТЕМЫ ИННОВАЦИОННЫХ ЦИФРОВЫХ ТЕХНОЛОГИЙ
16

**ÖZGERTMELER ÝOLY BILEN ÖSÜŞE TARAP**
К ПРОГРЕССУ ПО ПУТИ РЕФОРМ
20

**BITARAPLYK - PARAHATÇYLYGYŇ KEPILI**
НЕЙТРАЛИТЕТ - ГАРАНТИЯ МИРА
23

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
26

**TABLISALAR**
ТАБЛИЦЫ
28

# YKDYSADY HYZMATDAŞLYK GURAMASYNYŇ DÖWLET BAŞTUTANLARYNYŇ XV SAMMITI MYNASYBETLI ŞAÝY PULLAR

Ýurdumyzyň Merkezi banky şu ýylyň 28-nji noýabrynda — YHG-nyň gününde Aşgabatda Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza döwletleriň Baştutanlarynyň XV sammitiniň geçirilmegi mynasybetli, her biriniň gymmaty 100 manada deň bolan altyn we kümüş şaýy pullary çykardy.

Ýokary derejede geçirilen bu duşuşyk paýtagtymyzda Türkmenistanyň 2021-nji ýylda YHG-da başlyklyk etmeginiň çäklerinde geçirildi. Bu waka hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda döwletara, sebit we halkara düzümleriň derejesinde netijeli hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýän ýurdumyzyň halkara abraýynyň barha artýandygynyň ýene-de bir aýdyň subutnamasy boldy.




Bu gezekki sammitiň milli senenamamyzyň şanly wakasy — döwlet Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygy bilen gabat gelýändigi bellärliklidir. YHG-da başlyklyk edýän ýurt hökmünde Türkmenistan döwletimiz bu guramanyň çäklerinde hyzmatdaşlygyň toplanan oňyn tejribesini pugtalandyrmagy, netijeliligini ýokarlandyrmagy baş maksady hasaplaýar. Milli Liderimiziň öz çykyşlarynda belleýşi ýaly, ýurdumyz başlyklyk edýän döwründe gazanylan ylalaşyklary durmuşa geçirmek, netijeli gatnaşyklary giňeltmegiň täze maksatnamalaryny amala aşyrmak nukdaýnazaryndan YHG-nyň çäklerinde bilelikdäki hyz-

# Памятные монеты в ознаменование XV Саммита глав государств Организации Экономического Сотрудничества

Центральный банк страны выпустил золотую и серебряную монеты по случаю проведения в Ашхабаде 28 ноября текущего года в День ОЭС XV Саммита глав государств Организации Экономического Сотрудничества, каждая достоинством в 100 манатов.

Данная встреча на высоком уровне прошел в столице Ашхабаде в рамках председательства Туркменистана в ОЭС в 2021 году. Это событие – ещё одно наглядное подтверждение неуклонно растущего международного авторитета нашей страны, под мудрым руководством уважаемого Президента последовательно развивающей конструктивное партнёрство – как на межгосударственном уровне, так и на уровне крупнейших региональных и международных структур.

Следует отметить, что нынешний Саммит символически совпал со знаменательной датой национального календаря – 30 летним юбилеем независимости Отчизны. Главную свою цель как страны, председательствующей в ОЭС, Туркменистан видит в том, чтобы закрепить накопленный позитивный опыт интеграционного сотрудничества на пространстве Организации, повысить его эффективность. Лидер нации в своих выступлениях отмечал, что в период председательства наша страна приложит все усилия для активизации совместной дея-

matdaşlygy işjeňleşdirmek üçin ähli tagallalary eder.

Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň Aşgabatda geçirilýän XV sammitiniň hormatyna ýadygärlik şaýy pullaryň çykarylmagy üstünlikli ösdürilýän, milli hem-de umumy bähbitlere gabat gelýän oňyn hyzmatdaşlygyň aýdyň nyşanyna öwrüler.

Täze şaýy pullar Singapur Respublikasynyň «Eng Leong Medallic Industries Pte Ltd» kompaniýasy tarapyndan ýasaldy. Şaýy pullaryň ýüz tarapynda Ýer togalagynyň şekili, onuň merkezinde Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň nyşany ýerleşdirildi. Ýüz tarapynyň ýokarky we iki gapdal böleginde «YKDYSADY HYZMATDAŞLYK GURAMASYNA AGZA DÖWLETLERIŇ DÖWLET BAŞTUTANLARYNYŇ 15-NJI DUŞUŞYGY» diýen ýazgy, aşaky böleginde şaýy puluň çykarylan senesi «2021» we iki sany kiçijek sekizburçly şekiller ýerleşdirildi.

Şaýy pullaryň ikisiniň hem arka tarapynyň merkezi böleginde, däp bolşy ýaly, Türkmenistanyň Döwlet tugrasy ýerleşdirilip, onuň daşyndan puluň ýokarky böleginde, aýlaw bilen «TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY» diýen ýazgy, aşaky böleginde şaýy puluň gymmatyny görkezýän «ÝÜZ MANAT» diýen ýazgy şekillendirildi. Onuň çep tarapynda täze şaýy pullaryň mähegi hem-de agramy görkezilýär. Ýazgylar öz aralarynda kiçijek sekizburçly şekiller bilen bölünýär.

Altyn pullaryň diametri 38,61 millimetre deň bolup, agramy 39,94 gramdyr. Olaryň mähegi örän ýokary bolup, 916,7-ä deňdir. Kümüş şaýy pullar 925 mähekli kümüşden ýasaldy. Olaryň diametri altyn puluňky ýaly bolup, agramy 28,28 grama deňdir. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň olara goşulýan güwänamasy şaýy pullaryň «pruf» hilini kepillendirýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň pul toplumynyň üstüni ýetiren gymmatlyklar ýurdumyzyň we daşary döwletleriň köp sanly pul ýygnaýjylary üçin ajaýyp sowgat bolar.

Türkmenistanyň döwlet habarlar agentligi

тельности в рамках ОЭС в плане реализации достигнутых договорённостей, разработки и воплощения в жизнь новых программ расширения продуктивных отношений.

Выпуск же памятных монет в честь проведения в Ашхабаде XV Саммита глав государств ОЭС станет ярким символом успешно развивающегося конструктивного диалога, отвечающего как национальным приоритетам, так и общим интересам.

Нумизматические новинки изготовлены компанией «Eng Leong Medallic Industries Pte Ltd» Республики Сингапур. На лицевой стороне монеты изображён контур земного шара, а в центре – символ ОЭС. По верхней части и с обеих сторон нанесена надпись: «YKDYSADY HYZMATDAŞLYK GURAMASYNA AGZA DÖWLETLERIŇ DÖWLET BAŞTUTANLARYNYŇ 15-NJI DUŞUŞYGY», а в нижней части – год выпуска монеты «2021» и два небольших восьмиугольных узора.

На реверсе традиционно в центре расположен Государственный Герб Туркменистана, над Гербом, по верхнему краю монеты, полукругом размещена надпись «TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY». В нижней части имеется надпись, указывающая на номинал монеты – «ÝÜZ MANAT», а слева от неё указаны проба и вес нумизматических новинок. Надписи разделены узорами в виде восьмиугольников.

Золотую монету, при диаметре 38,61 мм с весом 39,94 грамма, отличает довольно высокая проба – 916,7. Серебряная монета изготовлена из серебра 925 пробы, вес которой, при том же диаметре, составляет 28,28 грамма. Высокое качество монет – «пруф» – гарантирует прилагаемый к ним сертификат Центрального банка Туркменистана.

Раритеты, пополнившие бесценную нумизматическую коллекцию ЦБТ, станут замечательным подарком для многочисленных отечественных и зарубежных коллекционеров.

Государственное информационное агентство Туркменистана

# YKDYSADY ÖSÜŞI GAZANMAKDA SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ AÝRATYNLYGY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyz bedew bady bilen ynamly öňe barýar. Milli ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak we diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça giň möçberli maksatnamalar we dürli taslamalar üstünlikli amala aşyrylýar. Şunda, hususan-da, innowasion ugurlara, ýagny sanly ulgama geçilmegine, ýokary tehnologiýaly senagat önümçiliginiň döredilmegine, dürli düzümleriň işiniň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegine, pudaklaryň işine we önümçilik toplumlaryna öňdebaryjy tejribäniň, sanly ulgamyň ornaşdyrylmagyna, bazar ykdysadyýeti şertlerinde işewürligi we hususy telekeçiligi ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär.

«Sanly ykdysadyýet» düşünjesiniň «sanlylaşdyrmak», «sanly hyzmatlar», «maglumat-aragatnaşyk tehnologiýasy», «elektron görnüşindäki döwlet hyzmatlary», «sanlaýyn», «sanly geçirijiler» ýaly we beýleki ugurdaş adalgalar bilen baglanyşyklydygy sebäpli, ilkinji nobatda olaryň mazmunyny öwrenmegiň zerurlygy ýüze çykýar.

Sanly ulgama geçilmegi bank hyzmatlarynyň gerimini hem-de milli töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini giňeltmäge, karz edaralarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ýardam edýär. Bank ulgamy bazar ykdysadyýetiniň esasy düzümleriniň, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň özgerişliklere taýýarlygyny şöhlelendirýän görkezijileriň biri bolup durýar.

# Особенности цифровых технологий в достижении экономического роста

В эпоху могущества и счастья под мудрым руководством уважаемого Президента наша страна уверенно продвигается вперёд со стремительностью резвого скакуна. В Туркменистане реализуются масштабные программы и отраслевые проекты, призванные способствовать модернизации и диверсификации национальной экономики. В данном контексте главный акцент делается на инновационные направления, в частности, на переход в цифровой формат, создание высокотехнологичных промышленных кластеров, усовершенствование функций различных инфраструктурных объектов, инкорпорирование передового опыта и цифровых систем в деятельность отраслей и промышленные комплексы, на стимулирование предпринимательства и частной инициативы в условиях рыночной экономики.

Так как понятие «цифровая экономика» связано с такими терминами, как «цифровизация», «цифровые услуги», «информационно-коммуникационные технологии», «государственные услуги в электронном формате», «цифровой», «цифровые проводники» и другими сопутствующими терминами, возникает необходимость в изучении, в первую очередь, их содержания.

Переход в цифровой формат способствует расширению масштабов банковских услуг и возможностей национальной платёжной системы, повышению конкурентоспособности кредитных учреждений.

Sanly ulgama geçilmegi maliýe bazaryna gatnaşyjylaryň we müşderileriň arasynda özara gatnaşyklaryň düýpli özgerdilmegini alamatlandyrýar. Munuň özi, ilkinji nobatda, hyzmatlaryň dessinliginiň artdyrylmagyny we hyzmat etmegiň alternatiw usullaryny ulanmak arkaly müşderileriň wagtynyň tygşytlanylmagyny göz öňünde tutýar.

Maliýe bazaryna gatnaşyjylara hödürlenilýän hyzmatlaryň dessinligi hem-de elýeterliligi karz edaralarynyň we müşderileriň arasyndaky gatnaşyklary düýbünden täze derejä çykarýar. Internetiň ösmegi hem-de ykjam telefonlaryň wezipeleriniň giňelmegi bilen baglylykda, ykjam goşundylar möhüm ähmiýete eýe bolýar. Ulanyjylar tarapyndan her gün özleriniň balansyny barlamak, ýerine ýetirilen amallary gözden geçirmek, geçirimleri hem-de hyzmatlaryň tölegleri amala aşyrmak üçin ençeme gezek ulgama girýärler. Bu bolsa, hasaplary dolandyrmaga uly mümkinçilik berýär.

«Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» ministrliklerde we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda sanly ulgama geçmek, ýerli elektron söwdany ösdürmek we kämilleşdirmek, ilatyň sanly ykdysadyýet we maglumat howpsuzlygy babatda sowatlylygyny artdyrmak boýunça wagyz-nesihat işlerini alyp barmak we beýleki wezipeler bellenilendir. Bu düzgünleriň yzy-




Будучи одной из главных составляющих рыночной экономики, банковская система также является одним из индикаторов, который отражает готовность экономики страны к реформам.

Цифровизация означает кардинальное изменение взаимоотношений участников финансового рынка и клиентов, что, в первую очередь, предусматривает повышение оперативности услуг и экономию времени клиентов за счёт использования альтернативных методов обслуживания.

Обеспечение оперативности и доступности услуг, предоставляемых участникам финансового рынка, позволит вывести на совершенно новый уровень отношения между кредитными учреждениями и клиентами. В связи с развитием интернета и расширением возможностей мобильных телефонов повысилось значение мобильных приложений. Благодаря им пользователи могут в любое время проверить свой баланс, просмотреть выполненные операции, оплатить за переводы и услуги, то есть – управлять своими счетами.

В «Государственной программе Туркменистана по развитию цифровой экономики в Туркменистане на 2021-2025 годы» определены меры, нацеленные на цифровизацию министерств и отраслевых ведомств, развитие и совершенствование местной электронной торговли, повышение грамотности населения в области цифровой экономики и информационной безопасности и т.д. Их планомерная реализация будет способствовать дальнейшему развитию нашей страны, активизации предпринимательства и инвестиционной деятельности, внедрению новейших методов управления.

В настоящее время во все стратегически важные отрасли интенсивно внедряются передовые технологии, расширяется спектр цифровых услуг. Ключевая роль в процессе перехода в цифровой формат отведена

giderli ýerine ýetirilmegi ýurdumyzyň mundan beýläk-de ösmegine, işewürligi we maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrmaga, dolandyrmagyň öňdebaryjy usullaryny ornaşdyrmaga ýardam edýär.

Häzirki wagtda esasy ulgamlaryň ählisine öňdebaryjy tehnologiýalar işjeň ornaşdyrylýar, sanly hyzmatlaryň görnüşleri giňeldilýär. Sanly ulgama geçmek babatda söwda ulgamyna möhüm orun degişlidir. Hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary boýunça ýurdumyzda elektron söwda ulgamyny ösdürmäge hem-de ýerli önüm öndürijileriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn çäreler amala aşyrylýar. Milli ykdysadyýetimiziň beýleki pudaklarynda bolşy ýaly, bu ulgamda hem sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny nazara almak bilen, netijeli hukuk binýady döredilýär we yzygiderli kämilleşdirilýär.

«Sarp edijileriň hukuklaryny goramak hakynda», «Söwda işi hakynda» we «Türkmenistanda internet torunyň ösüşini we internet hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi tarapyndan «Harytlary uzaklykdan satmagyň düzgünleri» işlenip düzüldi we işe girizildi. Ol internet söwdasynyň işini düzgünleşdirmäge gönükdirilendir. Düzgünnamada harytlaryň mahabatyny, harytlary satyn almak-satmak hakynda şertnamalary baglaşmagy, harytlary alyja eltip bermegiň düzgünlerini goşmak bilen uzak aralykdan söwdany guramak boýunça umumy düzgünler girizildi, onda alyjynyň hukuklary we beýlekiler kesgitlenilýär. Bu kadalar guramaçylyk-hukuk görnüşlerine garamazdan, ýuridiki taraplara, şonuň ýalyda, hukuk tarapyny döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan hususy telekeçilere degişlidir.

Hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary bilen milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklaryna täze sanly innowasion tehnolo-

торговой сфере. Благодаря грандиозным инициативам, выдвинутым уважаемым Президентом, в нашей стране осуществляются комплексные меры, нацеленные на развитие электронной торговли и повышение конкурентоспособности отечественных товаропроизводителей. В этой сфере, как и в других отраслях экономики, в контексте внедрения цифровых технологий проводится целевая работа по формированию и совершенствованию на регулярной основе эффективной правовой базы.

В соответствии с законами Туркменистана «О защите прав потребителей», «О торговой деятельности» и «О правовом регулировании развития сети интернет и оказания интернет-услуг в Туркменистане» Министерством торговли и внешнеэкономических связей Туркменистана были разработаны и введены в действие «Правила продажи товаров дистанционным способом», который направлен на регулирование процессов торговли через интернет. В них включены общие положения, касающиеся рекламы товаров, заключения договоров купли-продажи, организации удалённой торговли с порядком доставки товаров покупателю, а также определены права потребителя и другие нормы. Эти правила распространяются на юридических лиц независимо от их организационно-правовой формы,



giýalary ornaşdyrmagyň netijesinde Türkmenistanyň degişli karz edaralary «Türkmendemirýollary», «Türkmenawtoulaglary» hem-de «Türkmenhowaýollary» agentlikleri bilen bilelikde bank kartlaryny ulanyp, demirýol, howa ýollary peteklerini hem-de şäherara ugurlarda gatnaýan awtobuslarda petekleri internet ulgamynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde satyn almak mümkinçiligi döredildi. Şunda, müşderileriň banklara bolan ynamynyň artmagy, banklaryň müşderilere döredýän hyzmatlar babatyndaky giň mümkinçiligidir we bank kepilligidir. Ýurdumyzda pul dolanşygynyň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen, banklar tarapyndan halkara tejribesiniň öňdebaryjy ösen döwrebap tehnologiýalara esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek we kämilleşdirmek hem-de ýaýbaňlandyrmak boýunça giň gerimli işler hem alnyp barylýar.

Mähriban halkynyň bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün edýän hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny, eziz Watanymyzyň abadançylygynyň hem-de rowaçlygynyň bähbidine amala aşyrýan oňyn özgertmeleriniň mundan beýläk-de uly üstünliklere beslenmegini tüýs ýüregimizden arzuw edýäris!

**Pena POLADOW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Auditor gullugy müdirliginiň
Içki audit bölüminiň baş hünärmeni

а также на лиц, осуществляющих предпринимательскую деятельность без создания юридического лица.

В результате успешной реализации грандиозных начинаний уважаемого Президента кредитные учреждения страны налаживают эффективное взаимодействие с государственными структурами, что направлено на оптимизацию и улучшение их деятельности и показателей соответственно. В качестве образца вышесказанного можно указать «партнёрство» между банками и агентствами «Türkmendemirýollary», «Türkmenawtoulaglary» и «Türkmenhowaýollary». Благодаря этому, теперь можно через банковскую карточку оплатить за стоимость билетов на железнодорожные, междугородние рейсовые автобусные проезды и воздушные перелёты. Качественное проведение банковских операций повышает уровень доверия граждан к кредитным учреждениям. В целях дальнейшего повышения эффективности денежного оборота в стране банковскими учреждениями страны проводится работа по улучшению и расширению масштабов внедрения системы безналичных расчётов на основе использования передовой международной практики и современных технологий.

От всей души желаем уважаемому Президенту, благодаря которому наш народ живёт счастливой жизнью, здоровья, долголетия и дальнейших успехов в реализации позитивных реформ во имя благополучия и процветания родной Отчизны!

**Пена ПОЛАДОВ,**
главный специалист отдела Внутреннего аудита
департамента аудиторской службы
Центрального банка Туркменистана

# GARAŞSYZ TÜRKMENISTANA 30 ÝYL!

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň köpugurlyly-gyny gazanmak babatynda belent üstünliklere ýetilýär. Ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, medeni we durmuş ulgamlarynda gazanylýan uly özgertmeleri munuň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Bu gazanylýan uly üstünlikler hem-de belent sepgitler netijesinde ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleri yzygiderli ýokarlanýar, ýurdumyz täze ösüşler bilen aýdyň gelejege tarap öňe barýar.

«Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda hormatly Prezidentimiziň adyl syýasatynyň esasyny düzýän umumadamzat bähbitli beýik işler üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýar.

Garaşsyzlygymyzyň 30 ýylynyň dowamynda ýetilen sepgitler bu günki gün asyrlara barabardyr. Mähriban Arkadagymyzyň alyp barýan ynsanperwer we dost-doganlyk syýasaty bu gün tutuş dünýä dolýar. Agzybirligiň, jebisligiň, abadançylygyň hem-de bagtyýarlygyň ajaýyp mekanyna öwrülen ata Watanymyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli beýik tutumlaryň her biri mukaddes Garaşsyzlygymyz bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Hut şonuň üçin hem eşretli, bagtdan paýly, nurana zamanada agzybir halkymyzyň Arkadag Prezidentimiziň daşyna berkden-berk jebisleşmek arkaly amala aşyrylýan beýik tutumlarda milli Garaşsyzlygymyzyň berk binýady bolup durýandygyny buýsanç bilen nygtap bileris.

# Независимому Туркменистану 30 лет!

В эпоху могущества и счастья под мудрым руководством нашего уважаемого Президента достигаются высокие успехи в достижении всестороннего экономического развития. Бесспорным доказательством данного факта является достигнутые огромные преобразования в политической, экономической, культурной и социальной системах. В результате достигнутых огромных успехов и высоких рубежей жилищно-бытовые условия нашего населения последовательно повышаются, наша страна с новыми достижениями идет вперед к светлому будущему.

В год «Туркменистан – Родина мира и доверия» успешно претворяются в жизнь грандиозные дела в интересах общего человечества, которые составляют основу справедливой политики уважаемого Президента.

Рубежи достигнутые в течении этих 30 лет независимости сегодня равны вековым. Гуманная и дружественная политика, которую ведет наш любимый Аркадаг, сегодня известна во всем мире. Каждое из успешно реализуемых высоких начинаний в нашей Отчизне, которое превратилось в прекрасный край единства, сплоченности, спокойствия и счастья, во имя народа и мира неразрывно связаны с нашей священной Независимостью. Поэтому мы с гордостью можем отметить, что национальная Независимость является крепкой основой в великих свершениях, осуществляемых путем крепкого единения вокруг Героя Аркадага нашего дружного народа в

Berkarar Watanymyzyň ykdysadyýetini barha ösdürmek we ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmak boýunça hormatly Prezidentimiziň alyp barýan öňdengörüjilikli durmuş-ykdysady syýasatyndan hem-de ýurdumyzyň bank ulgamyny mundan beýläk hem pugtalandyrmagy we ösdürmegi maksat edinýän parasatly ýörelgelerinden ugur alyp, bank ulgamynyň işjeňligi has-da kämilleşýär. Bank ulgamy tarapyndan ata Watanymyzyň mundan beýläk hem, pajarlap ösmegi ugrunda maliýe durnuklylygyny ýokarlandyrmak, sanly ykdysadyýete geçmek bilen kärhanalara we ilata edilýän bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak ýaly işleriň amala aşyrylmagy netijeli dowam etdirilýär.

Bank ulgamynyň ösüşini üpjün etmäge gönükdirilen «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» ulgamyň ösüşiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär we şoňa laýyklykda ýurdumyzda barha kämilleşýän maýa goýum syýasaty bilen ýerli we daşary ýurt maýadarlary hem-de işewürleri üçin täze mümkinçilikler açylýar, amatly şertler döredilýär. Şonuň ýaly hem, ýurdumyzda döwlet tarapyndan kiçi we orta telekeçilige edilýän ýeňillikler, berilýän höweslendirmeler we goldawlar esasynda telekeçiler tarapyndan ýurduň önümçilik kuwwatyny artdyrmak, halkyň ýaşaýyş derejesini has-da gowulandyrmak boýunça hödürlenýän taslamalar, şol bir wagtyň özünde maýadarlary kanagatlandyrjak taslamalar




благодатную, счастливую и светлую эпоху.

Исходя из дальновидной социально-экономической политики, которую ведет наш уважаемый Президент по развитию экономики и повышению экономической мощности нашей могущественной отчизны и из мудрых принципов, нацеленных на развитие и дальнейшее укрепление банковской системы нашей страны, активность банковской системы еще более совершенствуется. В банковской системе эффективно продолжаются осуществление деятельности по повышению финансовой устойчивости, увеличение банковских услуг оказываемые предприятиям и населению с переходом на цифровую систему для дальнейшего высокого развития нашей Родины.

«Государственная программа за 2011-2030 годы по развитию банковской системы Туркменистана» определяет основные направления развития системы, и в соответствии с этим с совершенствованной инвестиционной политикой нашей страны для местных и иностранных инвесторов и бизнесменов открываются новые возможности, создаются льготные условия. А также на основании льгот, поощрений и поддержки, предоставляемых малому и среднему предпринимательству в нашей стране, предлагаемые проекты по увеличению производственной мощности нашей страны, по улучшению жизненного уровня населения, в то же время рассматриваются проекты, интересные инвесторам, для их реализации наше национальное законодательство систематически совершенствуется с учетом международного права.

В настоящее время банковской системой успешно реализуется деятельность по расширению масштабов банковских услуг, совершенствованию развития и поднятия на более высокий качественный уровень цифровой экономики, внедрению передо-

öwrenilýär we olary durmuşa geçirmek üçin milli kanunçylygymyz halkara hukugyny nazara almak bilen yzygiderli kämilleşdirilýär.

Häzirki wagtda bank ulgamy tarapyndan bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, ösen sanly ykdysadyýeti kemala getirmek hem-de hil taýdan has ýokary derejä çykarmak, dünýä tejribesiniň öňdebaryjy usullaryny we innowasion tehnologiýalaryny ornaşdyrmak işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Pul dolanşygy-nyň netijeliligini artdyrmak, täze maliýe gurallaryny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek, hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak bilen bagly işler yzygiderli alnyp barylýar.

Ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, raýatlarymyza amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen bank kartlarynyň üsti bilen töleg terminallarynyň, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Halkbank-terminal» ulgamlarynyň, şeýle hem ykjam telefonlarda gurnalýan elektron-gapjyk mobil goşundysynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde geçirilýän hasaplaşyklar özüniň oňaýly täsirini ýetirýär. Bu ugurda elektron maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça daşary ýurt iş tejribesini ulanmak arkaly bank ulgamynyň hünärmenleriniň hünär derejeleri yzygiderli ýokarlandyrylýar. Sanly bank hyzmatlarynyň ýene bir görnüşi, QR-kodly tehnologiýany töleg ulgamyna ornaşdyrmak, elektron söwdalaryň howpsuzlygyny üpjün edýän tehnologiýalaryndan peýdalanmak boýunça hem çäreler giňden alnyp barylýar. Elbet-de, «QR-kod» tehnologiýasynyň töleg ulgamyna ornaşdyrylmagy tölegleri nagt däl görnüşinde aňsat, elýeterli, çalt we howpsuz ýerine ýetirmek mümkinçiligini döredýär.

Mundan başga-da ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan nagt däl görnüşinde geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek we raýatlarymyza amatly şertleri döretmek maksady bilen, belli bir müşderiler toplumyna, söwda we hyzmat ediş ugurlaryna bagyşlap «Cash back» hyzmatyny işe girizip duryarlar.

вых методов и инновационных технологий мировой практики. Систематически ведутся работы связанные с увеличением эффективности денежного оборота, разработкой и реализацией новых финансовых инструментов, повышением квалификации специалистов.

С целью расширения масштабов безналичных расчетов в нашей стране, создания удобных возможностей для наших граждан безналичные расчеты оказывает свое положительное воздействие посредством банковских карт через платежные терминалы, систем «Интернет-банк», «Мобильный-банк», «Халкбанк терминал» в цифровой системе, а также мобильного приложения электронный кошелек устанавливаемого в мобильном телефоне. В этом направлении посредством использования зарубежной практики по обеспечению безопасности электронной информации, систематически проводится повышение квалификации сотрудников банковской системы. Еще одна форма из цифровых банковских услуг, это внедрение в платежную систему технологий с QR-кодом, также широко ведутся меры по использованию технологий, обеспечивающих безопасность электронной торговли. Конечно же, внедрение технологии «QR-код» в платежную систему создает возможность для легкого, доступного, быстрого и безопасного произведения платежей в безналичной форме.



Şu ýyl Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň bütin dünýä jar edilenine 30 ýyl doldy. Bu döwürde türkmen halky halal zähmet, baý döredijilik, ynsanperwer garaýyşlary, dostlukly, hoşniýetli gatnaşyklary bilen bütin dünýäde ykrar edilen halk hökmünde özüni tanatdy.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 30 ýyllyk toýuny mynasyp garşylamaga taýýarlyk görýär. Eziz Diýarymyzyň dürli künjeklerinde açylyp ulanmaga berilýän iň täze binalaryň, desgalaryň dabaralary baýramçylygyň şowhunyny has-da belende göterýär. Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» we «Senagat» paýdarlar täjirçilik banklarynyň açylyp ulanylmaga berlendigini görkezmek bolýar. Bu banklaryň binalarynyň açylmagy eziz Diýarymyzyň durnukly ykdysady ösüşiniň, mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Bize şeýle amatly mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak, Belent başy aman bolsun. Alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn.

**Bahar NURYÝEWA,**
Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň
Amallar bölüminiň esasy hünärmeni

Кроме этого, с целью расширения масштаба безналичных расчетов проводимых в безналичной форме кредитными учреждениями нашей страны, а также для создания оптимальных условий для наших граждан, для определенной группе клиентов внедряется услуга «Cash back» посвященная направлениям торговли и сервиса.

В этом году исполняется 30 лет со дня провозглашения на весь мир о священной Независимости нашей Отчизны. За этот период туркменский народ стал узнаваемым в качестве народа признанного во всем мире своим честным трудом, богатым творчеством, гуманными взглядами, дружественными и доброжелательными отношениями.

По случаю 30-летия нашей Священной Независимости в разных уголках нашей страны были открыты и переданы в эксплуатацию новые здания, сооружения, жилые дома улучшенной планировки. Были открыты и переданы в эксплуатацию акционерно-коммерческие банки Туркменистана «Туркменбаши» и «Сенагат». Открытие зданий этих банков является бесспорным доказательством устойчивого экономического развития нашей любимой Родины, еще большего повышения жилищно-социального уровня нашего народа.

Желаем крепкого здоровья, долгих лет жизни Герою Аркадагу, создающего для нас такие благоприятные условия. Желаем успехов в будущем в осуществляемой работе во благо народа и государства.

**Бахар НУРЫЕВА,**
ведущий специалист отдела Операций
Государственного банка развития Туркменистана

# MILLI MANAT - MILLI GYMMATLYK

1993-nji ýylyň 1-nji noýabry - milli manadyň dolanyşyga girizilen senesi ýurdumyzyň ýyl ýazgysyna döredijilikli özgertmeler eýýamynda taryhy gün hökmünde girdi. Manat - türkmen döwletliliginiň, ykdysady durnuklylygyň nyşanyna we ýurdumyzyň garaşsyzlyk ýörelgelerini durmuşa geçirmegiň ugrukdyryjy guralyna öwrüldi.

Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda ykdysady syýasat üstünlikli durmuşa geçirilip, onuň maliýe-karz, býujet, salgyt, baha ugruny emele getirýän we häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän bazar gatnaşyklaryna geçmegiň milli usuly işlenip taýýarlanyldy.

Oňyn netijeleriň gazanylmagynda häzirki döwrüň ýagdaýlaryna we umumy ykrar edilen halkara standartlaryna laýyk gelýän kanunçylyk-hukuk binýadynyň döredilmegine, döwletimiziň maliýe pudagynyň, salgyt-býujet we baha syýasatynyň kämilleşdirilmegine möhüm orun degişlidir.

Şunuň bilen baglylykda, Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, Yslam ösüş banky we beýleki halkara maliýe guramalar we sebitleýin banklar bilen hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işlere möhüm üns berildi.

Oba hojalyk pudagyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek maksady bilen, hormatly Prezidentimiziň Karary esasynda ýurdumyzyň täjirçilik banklaryna oba hojalyk pudagyna zerur tehnikalary satyn almak üçin ýeňillikli karzlary bermek bellenildi. Bu bolsa milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde, zerur ugurlary maliýe serişde-

# Национальный манат - национальная ценность

1 ноября 1993 года – дата введения национальной валюты вошла в летопись нашей страны как исторический день эпохи творческого возрождения. Манат стал символом туркменской государственности, экономической стабильности и руководящим инструментом реализации принципов независимости нашей страны.

За годы Независимости успешно реализована экономическая политика, разработан национальный подход к ее переходу к рыночным отношениям, которые формируют финансово-кредитный, бюджетный, налоговый и ценовой направления экономики и отвечают требованиям современности.

Для достижения положительных результатов важная роль принадлежит созданию законодательно-правовой базы, соответствующей условиям современности и общепризнанным международным стандартам, а также совершенствованию финансового сектора, налогово-бюджетной и ценовой политики нашего государства.

В этой связи значительное внимание уделяется углублению сотрудничества с Международным валютным фондом, Всемирным банком, Европейским банком реконструкции и развития, Азиатским банком развития, Исламским банком развития и другими международными финансовыми организациями и региональными банками.

В целях дальнейшего совершенствования сельскохозяйственного сектора на основании Постановления уважаемого Президента коммерческим банкам страны поручено предоставить льготные кредиты

leri bilen üpjün etmekde bank ulgamyna aýratyn ornuň degişlidigini görkezýär.

Ýurdumyzyň karz edaralarynyň öňünde durýan möhüm wezipelere laýyklykda türkmen manadynyň durnuklylygyny pugtalandyrmak, karzlaryň we ilatyň goýumlarynyň möçberlerini artdyrmak boýunça yzygiderli çäreler amala aşyrylýar. Banklaryň maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlarda düzülmegine, bank ulgamynyň işgärleriniň hünär derejesiniň ýokarlandyrylmagyna, banklaryň maddy-enjamlaýyn binýadynyň yzygiderli döwrebaplaşdyrylmagyna döwlet tarapyndan aýratyn üns berilýär.

Bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek maksady bilen, häzirki wagtda döwrebap kompýuter tehnologiýalaryny, hususan-da, ilatdan kabul edilýän dürli görnüşli tölegleri amala aşyrmagyň we hasaba almagyň awtomatlaşdyrylan ulgamyny ornaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar. «Internet-bank», ýagny uzak aralykdan bank hyzmatlaryny ýerine ýetirmek ulgamy internet ulgamyna birikdirilen şahsy kompýuterden ýa-da ykjam telefondan dürli görnüşli bank amallaryny ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredýär.

Raýatlarymyza hödürlenilýän bank kartlarynyň nagt däl görnüşde hasaplaşyklary geçirmegiň döwrebap töleg guraly bolup, jemgyýetimize giňden ornaşýandygyny bellemek gerek. Häzirki wagtda ýurdumyzyň çäginde «Altyn asyr», «Millikart», «Maşgala», «Goýum bank karty», «Owerdraft karty», şeýle hem halkara «VISA» we «MasterCard» bank kartlaryny peýdalanmak arkaly hasaplaşyklaryň dürli görnüşlerini ýerine ýetirmek üçin giň mümkinçilikler döredildi.

Bank kartlary arkaly geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň we mümkinçilikleriniň giňeldilmegi, bank kartlaryna bolan islegiň ýokarlanmagyna hem-de munuň üsti bilen geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň has-da artmagyna getirip, ýurdumyzyň pul dolanyşygynyň netijeli hereket etmegine mynasyp goşandyny goşýar.

Özgertmeler ulgamynda milli maksatnamalaryň, şol sanda bank işini kadalaşdyrýan kadalaşdyryjy hukuknamalaryň döwrebaplaşdyryl-

на закупку оборудования, необходимого для сельскохозяйственной отрасли. А это показывает, что банковская система занимает особое место в развитии национальной экономики и в обеспечении необходимых отраслей финансовыми ресурсами.

В соответствии с важными задачами, стоящими перед кредитными учреждениями нашей страны, систематически осуществляются меры по укреплению стабильности туркменского маната, увеличению объемов кредитов и вкладов населения. Государством уделяется особое внимание составлению финансовой отчетности банков по международным стандартам, повышению квалификационного уровня сотрудников банковской системы, постоянной модернизации материально-технической базы банков.

В целях расширения спектра банковских услуг в настоящее время ведутся работы по внедрению современных компьютерных технологий, в частности, автоматизированной системы осуществления и регистрации различных видов платежей населения. «Интернет-банк» – система дистанционного банковского обслуживания позволяет выполнять различные банковские операции с персонального компьютера или мобильного телефона, подключенного к интернет-сети.

Следует отметить, что предлагаемые нами банковские карты являются современным платежным инструментом для безналичных расчетов и широко внедрены в наше общество. В настоящее время на территории страны созданы широкие возможности для осуществления различных видов расчетов с использованием банковских карт «Altyn Asyr», «Millikart», «Maşgala», «Goýum bank karty», «Owerdraft karty», а также международных банковских карт «VISA» и «MasterCard».

Расширение объема и возможностей безналичных операций по банковским картам приводит к повышению спроса на банковские карты и к дальнейшему увеличению объема безналичных операций с их

magyna möhüm orun degişli bolup durýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda döwrüň talaplaryny we bu ulgamda hereket edýän halkara standartlary nazara almak arkaly birnäçe kadalaşdyryjy hukuknamalary işlenip taýýarlandy. Olaryň hatarynda «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Mikromaliýe guramalary we mikromaliýeleşdirmek hakynda», «Karz birleşikleri hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda», «Fiziki şahslaryň goýumlarynyň hökmany kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary hereket edýär.

Häzirki wagtda bank ulgamynyň kanunçylyk binýady yzygiderli kämilleşdirilýär, raýatlarymyza täze bank hyzmatlary girizilýär, hödürlenilýän hyzmatlaryň hili has-da ýokarlandyrylýar. Ylmyň soňky gazanan innowasion tehnologiýalaryny peýdalanmak arkaly bank hyzmatlarynyň täze görnüşleri döredildi, karz bazarynyň gerimi giňeldildi, nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi yzygiderli artdyryldy.

Gahryman Arkadagymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň bank ulgamyny kämilleşdirmek, milli manadymyzyň hümmetini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak boýunça işler yzygiderli dowam etdirilýär. Türkmen halkyny asuda,bagtyýar we eşretli durmuşda ýaşadýan, döwletimiziň ykdysady taýdan kuwwatlanmagy ugrunda ýadawsyz tagalla edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, umumadamzat ähmiýetli tutýan tutumly işleri elmydama rowaç alsyn!

**Merjen LOKKAÝEWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň Marketing bölüminiň başlygy

помощью, что вносит достойный вклад в эффективный денежный оборот нашей страны.

Важная роль в системе реформ отводится модернизации национальных программ, в том числе нормативных актов, регулирующих банковскую деятельность. За годы Независимости разработан ряд нормативных актов с учетом требований эпохи и международных стандартов, действующих в этой области. В их число входят Законы Туркменистана «О Центральном банке Туркменистана, «О кредитных учреждениях и банковской деятельности», «О микрофинансовых организациях и микрофинансировании», «О кредитных союзах», «О валютном регулировании и валютном контроле во внешнеэкономических отношениях», «Об обязательной гарантии вкладов физических лиц».

В настоящее время законодательная база банковской системы постоянно совершенствуется, вводятся новые банковские услуги гражданам, а также повышается качество предоставляемых услуг. С использованием новейших инновационных технологий науки созданы новые виды банковских услуг, расширен объем кредитного рынка, регулярно увеличивается объем безналичных расчетов.

Под мудрым руководством Героя Аркадага постоянно ведется работа по совершенствованию банковской системы нашей страны, дальнейшему повышению курса национальной валюты. Уважаемый Президент неустанно трудится во имя мирной, счастливой и благополучной жизни туркменского народа, во благо экономического укрепления нашего государства, желаем ему крепкого здоровья, долгой жизни, процветания в деятельности общечеловеческого значения!

**Мерджен ЛОККАЕВА,**
начальник отдела Маркетинга
Государственного банка внешнеэкономической деятельности Туркменистана

# INNOWASION SANLY TEHNOLOGIÝALAR ULGAMYNY ÖSDÜRMEGIŇ ÄHMIÝETI

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli döwlet syýasatynyň netijesinde, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda we edara – kärhanalarynda innowasion sanly tehnologiýalar ulgamyny ornaşdyrmak arkaly ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmäge giň mümkinçilikleriň döredilmegi hem ýurdumyzyň dünýä ýurtlary bilen deň gadam basýandygyny görkezýär.

Milli Liderimiziň: «Häzirki wagtda biz ykdysadyýetimizi sanly ulgama geçirmek boýunça kabul eden maksatnamalarymyza aýratyn üns bermelidiris. Sebäbi, bu diňe bir döwrüň talaby däl-de, eýsem, häzirki zaman dünýäsine hem giň ýol açýar. Döwrüň talaplaryna laýyklykda, bank hyzmatlary hem ösýär. Hasaplaşyklaryň tizligini, serişdeleriň dolanyşygyny çaltlandyrmak maksady bilen, bank ulgamynda elektron tölegler ulgamynyň gerimi giňelýär. Biz geljekde maliýe-ykdysady bank-karz işlerini düýpli seljermek bilen, ykdysady özgertmeleri oýlanşykly dowam etmelidiris» diýip aýdan sözlerinden ugur alyp, ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan elektron tölegleri ösdürmek bilen bagly işler durmuşa geçirilýär.

Milli ykdysadyýetimize sanly ulgamy ornaşdyrmak, maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek meselelerini «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» we «Türkmenistanda 2019 – 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» öz içine alýan kadalaşdyryjy hukuk namalary bolup çykyş edýärler. Bu kabul edilen Konsepsiýalar göz öňünde tutulan maksatlara ýet-

# Важность развития системы инновационных цифровых технологий

На основе дальновидной государственной политики уважаемого Президента, создание огромных возможностей для диверсификации нашей экономики за счет внедрения инновационных цифровых технологий во все сектора и институты национальной экономики свидетельствует о том, что наша страна делает равные успехи и находится на одном уровне с остальными государствами.

Как подчеркнул Лидер нации: «На данный момент нам нужно обратить особое внимание на принятые нами программы по преобразованию нашей экономики в цифровую систему. Потому что, это является требованием не только этого поколения, но и открывает широкий путь в современный мир. Банковские услуги также развиваются в соответствии с современными требованиями времени. Сфера применения электронной платежной системы банковской структуры расширяется в целях ускорения скорости расчетов, оборота денежных средств. В будущем мы должны внимательно проанализировать финансово-экономическую банковскую и кредитную деятельность и продуманно продолжить экономические реформы». Основываясь на словах Лидера нации, банковская система нашей страны усиленно работает над развитием электронных платежей.

Задачам по внедрению цифровой системы в нашу национальную экономику, и

mek we bu ugurda milli ykdysadyýetimizi sanly ulgam arkaly ösdürmek boýunça ýurdumyzyň ministrliklerinde, pudak edaralarynda we hususy ulgamda yzygiderli işler durmuşa geçirilýär.

Häzirki zaman döwrebap tehnologiýalarynyň we innowasiýalaryň milli ykdysadyýetimizde has içgin ornaşdyrylýan döwründe kabul edilýän sanly çözgütler ýurdumyzyň uzakmöhletleýin ykdysady ösüşini we ýokary zähmet öndürijiliginiň gazanylmagyny üpjün edýär.

Ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň sanly ösdürilmegi, jemi içerki önüminiň düzüminde maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň we telekommunikasiýalarynyň paýynyň artmagyna, öndürilýän önümçilikleriniň kuwwatlyklarynyň möçberleriniň köpelmegine, döwlet dolandyrylyşynyň netijeliliginiň has-da ýokarlanmagyna özüniň oňyn tasirini ýetirýär.

Häzirki zaman döwrebap ösüş şertlerinde, sanly innowasion ösen tehnologiýalary işläp taýýarlamak bilen, olary milli ykdysadyýetiň we durmuş ulgamynyň dürli ugurlaryna giňden ornaşdyrylýar. Munuň özi raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýeňilleşdirmek bilen bir hatarda olaryň innowasion tehnologiýalardan, häzirki zaman bank önümlerinden netijeli peýdalanmaklary üçin giň mümkinçilikleriň döredilmegine ýol açýar.

Döwrebap ösen bazar ykdysady şertlerinde maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň önümi bolan sanly bank hyzmatlarynyň giňden ornaşdyrylmagy, ýurdumyzyň durnukly ösmeginiň, barha kuwwatlanmagynyň hatyrasyna gönükdirilendir.

Häzirki wagtda bütin dünýäde bolşy ýaly, ýurdumyzyň milli ykdysadyýetinde hem ähli ugurlary sanlylaşdyrmak, hyzmatlary döwrebap talaplara laýyklykda ýola goýmak boýunça uly işler amala aşyrylýar.

Bank ulgamynyň hukuk binýady hem yzygiderli esasda kämilleşdirilýär, ilata hödürlenilýän sanly innowasion bank tehnologiýalarynyň hili has-da ýokarlandyrylýar, elýeterliligi üpjün edilýär.

формированию развитой экономики на базе информационно-коммуникационных технологий служат принятые нормативные правовые документы, такие как, «Концепция развития системы цифрового образования в Туркменистане» и «Концепция развития цифровой экономики Туркменистана на 2019-2025 годы». В данном направлении, в министерствах, ведомствах и частном секторе нашей страны проводится регулярная работа для достижения этих целей и развития национальной экономики с помощью цифровых систем.

В настоящее время в условиях интенсивного внедрения, современных технологий и инноваций принятые решения по цифровизации обеспечивают долгосрочное экономическое развитие страны и достижение высокой производительности.

Цифровое развитие национальной экономики государства способствует увеличению доли информационно-коммуникационных технологий и телекоммуникаций в ВВП, а также содействуют увеличению объемов производства и дальнейшему повышению эффективности государственного управления.

В условиях современного развития, разрабатываемые цифровые инновационные технологии широко внедряются в различных сферах экономики и социальной жизни. Это не только облегчает условия жизни граждан, но и способствует созданию широких возможностей для эффективного использования инновационных технологий и современных банковских продуктов.

В контексте современной рыночной экономики, широкое внедрение продукций информационных и коммуникационных технологий цифровых банковских услуг направлено на устойчивое развитие и укрепление нашей страны.

В настоящее время, как и во всем мире, в соответствии с современными требованиями времени ведется большая работа по

Banklaryň müşderileriniň ykdysady taýdan sowatlylygyny ýokarlandyrmak we olaryň banka bolan ynamyny artdyrmak maksady bilen, pul-karz ulgamynyň işjeňligini ösdürmäge, goýum görnüşinde ilatdan çekilen erkin pul serişdelerini gaýtadan paýlamak arkaly ykdysady ösüşe täsirini ýokarlandyrmaga, pul dolanyşygynyň gerimini giňeltmäge giň mümkinçilikler döredilýär.

Bu bolsa, bank edaralarynyň sanly innowasion, ösen döwrebap tehnologiýalara daýanýan bank hyzmatlaryny we önümlerini kämilleşdirmek arkaly, müşderileriniň sanyny artdyrmaga, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini has-da giňeltmäge ýardam edýär.

Bank edaralary tarapyndan müşderilere edilýän sanly bank hyzmatlary, müşderileriň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, pul geçirimlerini ýeňilleşdirmäge, netijede ilatyň gymmatly wagtyny we pul serişdelerini tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Sanly innowasion ösen tehnologiýalaryň giňden peýdalanylmagy, ýurdumyzyň bank edaralarynyň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagyny we müşderilere döwrebap bank hyzmatlarynyň hödürlenilmegini şertlendirýär.

Döredilýän bu amatlyklar bank hyzmatlaryndan peýdalanýan müşderileriň sanynyň we ýerine ýetirilýän bank amallarynyň tizliginiň yzygiderli artmagyna we raýatlaryň maliýe taýdan başarnyklarynyň has hem ýokarlanmagyna şert döredýär. Elektron tölegler arkaly geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň we mümkinçilikleriniň giňeldilmegi, bank kartlaryna bolan isleginiň ýokarlanmagyna we geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň sanynyň we tizliginiň has-da artmagyna getirip, ýurdumyzyň pul dolanyşygynyň netijeli hereket etmegine ýardam edýär.

Soňky ýyllarda bank işiniň şeýle görnüşde işjeň sanlylaşmagy menzilara bank düşünjesiniň döremegine we ýaýramagyna getirdi. Sanly özgermeleriň gerimi we depgini durnukly ykdysady ösüşiň esasy şertleriniň biri hökmünde

оказанию услуг, над оцифрованием всех направлений экономики нашей страны.

Правовая база банкоской системы непрерывно совершенствуется, повышается качество, и обеспечивается доступность цифровых инновационных банковских технологий, предлагаемых для широкого использвоания населением..

В целях обеспечения информированности клиентов банков по финансовым вопросам и повышения их доверия к банковским учреждениям, создаются широкие возможности по развитию денежно-кредитной системы, усилению влияния на экономический рост и расширению сферы денежного обращения за счет перераспределения свободных денежных средств, привлекаемых в виде вкладов от населения.

Все это способствует улучшению услуг и продуктов банковских учреждений на основе инновационных разработок в области передовых цифровых технологий, тем самым содействует увеличению количества клиентов и дальнейшему расширению сферы безналичных расчетов.

Помогая сэкономить драгоценное время и деньги населения, банковские учреждения предоставляют своим клиентам, цифровые банковские услуги, которые помогают удовлетворить потребности клиентов в банковской работе и услугах и облегчить денежные переводы. Широкое использование цифровых инновационных технологий способствует повышению конкурентоспособности банков нашей страны, и обеспечивают предоставление современных банковских услуг клиентам.

Эти преимущества создают стабильный рост количества клиентов, пользующихся банковскими услугами, и увеличивают скорость проведения банковских операций, способствуя дальнейшему повышению финансовых возможностей граждан. Расширение объема и возможностей без-

orta çykýar.

Ýurdumyzda bank kartlarynyň ulanylmagy zähmet haklarynyň onuň üsti bilen tölenilmegine, ygtybarly pul geçirimleriniň gysga wagtda nagt däl görnüşde amala aşyrylmagyna, karz almak we goýum goýmak işlerini kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär. Bu babatda ýurdumyzyň banklary tarapyndan halka edilýän hyzmatlaryň hili we görnüşleri yzygiderli ýokarlandyrylýar, nagt däl hasaplaşyk ulgamy günsaýyn kämilleşdirilýär.

Milli Liderimiziň ýurdumyzda sanly bank ulgamyny ösdürmek boýunça amala aşyrýan giň gerimli işleri milli töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini giňeltmäge, bank hyzmatlarynyň sanly görnüşlerini artdyrmaga, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, netijede sanly ykdysadyýetiň ösmegine ýardam edýär.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan işleriň ähli si Arkadag Prezidentimiziň halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak baradaky taýsyz tagallalarynyň netijesidir.

Şeýle amatly mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli alyp barýan işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!

**Şemşat KIÇIGULOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň mugallymy

наличных расчетов посредством электронных платежей, приводит к увеличению спроса банковских карт и дальнейшему увеличению количества и скорости безналичных операций, что обеспечивает эффективное функционирование денежного обращения страны.

За последние годы, такая активная цифровизация банковских работ стала основой для создания и расширения услуга интернет-банкинга. Масштабы и темпы преобразований в области цифровых технологий становятся одним из ключевых условий экономического роста.

Использование банковских карт в нашей стране позволяет производить выплату заработной платы, обеспечивает краткосрочные безопасные переводы безналичным способом, а также предоставляет возможность улучшить деятельность по кредитованию и внесению вкладов. В связи с этим качество и виды услуг, предоставляемых банками нашей страны, постоянно улучшаются, вместе с тем совершенствуется и система безналичных расчетов.

Масштабная работа Лидера нации по развитию системы цифрового банкинга в нашей стране помогает расширить возможности национальной платежной системы, увеличить количество банковских услуг, повысить конкурентоспособность банков, и все это приводит к росту цифровой экономики.

Деятельности по дальнейшему улучшению условий жизни нашего народа является результатом беспрецедентных усилий нашего Президента Аркадага.

Желаем нашему Герою Аркадагу, создающему такие прекрасные возможности, доброго здоровья, долголетия и больших успехов в государственной деятельности в интересах страны и народа!

**Шемшат КИЧИГУЛОВА,**
преподаватель Туркменского государственного
института экономики и управления

# ÖZGERTMELER ÝOLY BILEN ÖSÜŞE TARAP

Hormatly Prezidentimiziň döwlet ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan döredijilige ýugrulan özgertmeler ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagynda, raýatlaryň iş bilen üpjünçiliginde we olaryň girdejileriniň artmagynda özüniň aýdyň beýanyny tapýar. Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşinde gazanylan netijeler we ýetilen sepgitler özüniň ähmiýetini şu günki gün özüniň aýdyňlygy bilen subut edýär.

Islendik bir özgertme bir zadyň başga bir görnüşe geçmegini, üýtgemegini aňladýan düşünjedir. Haçanda bu özgertmeler jemgyýetçilik bähbitlerinden ugur alan ýagdaýynda, olaryň has-da netijeli bolýandygyny durmuş hakykaty görkezýär.

Dünýä ykdysadyýetinde dowam edýän kynçylykly döwürde ösüşe ukyply bolmak döwlet syýasatynda strategik ugurlaryň dogry kesgitlenilmegini talap edýär.

Milli Liderimiziň döwlet baştutanlygynda ýurdumyz bu gün dünýä jemgyýetinde ösüşiň «türkmen nusgasynyň» oňyn tejribesini äşgär edýär. Milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşini üpjün etmek meselesi diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, tutuş dünýädäki täze şertleriň göz öňünde tutulmagyny hem şertlendirýär. Durmuş-ykdysady şertleriň üýtgemegi netijesinde bolup geçýän özgertmeler, tutuş ykdysady ýagdaýa, şol sanda ýurdumyza getirilýän we ýurdumyzdan iberilýän harytlaryň düzümine hem-de möçberlerine öz täsirini ýetirýär. Ykdysady strategiýada eksporta gönükdirilen, importy çalyşýan önümçiligi ösdürmek ugruny ileri tutýan ýurdumyz üçin, häzirki döwürde eksporty höweslendirmegiň, oýlanyşykly import amallarynyň has netijeli görnüşlerini we usullaryny saýlamak we dur-

# К прогрессу по пути реформ

Реформы, реализуемые под мудрым руководством уважаемого Президента, находят свое ясное выражение в повышении уровня жизни нашего народа, занятости граждан и росте их доходов. Достигнутые результаты и рубежи в социально-экономическом развитии нашей страны сегодня своей наглядностью подтверждают свое значение.

Любая реформа подразумевает изменение или трансформацию из одного состояния в другое. Жизнь показывает, что эти реформы более эффективны, когда они отвечают интересам общества.

Чтобы расти в трудное для мировой экономики время, необходимо четкое определение стратегических направлений государственной политики.

Сегодня под руководством Лидера нации наша страна демонстрирует мировому сообществу положительный опыт «туркменской модели» развития. Вопрос обеспечения устойчивого развития нашей национальной экономики требует учета новых условий не только в нашей стране, но и во всем мире. Изменения, происходящие в результате изменения социально-экономических условий, влияют на всю экономическую ситуацию, включая состав и объем товаров, в том числе импортируемых и экспортируемых. Для нашей страны, которая в своей экономической стратегии ориентирована на экспорт и импортозамещение, выбор и внедрение более эффек-

muşa geçirmek döwrüň talabydyr.

Şu nukdaýnazaryndan, aýdanymyzda importy çalyşmak içki bazarda import edilýän önümleriň möçberiniň azaldylmagyny aňladýar, ýöne ol daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny doly çalyşmagy aňlatmaýar. Importy çalyşýan syýasaty oýlanyşykly alyp barmak ykdysady taýdan bähbitli bolup durýar. Import önümleriň ornuny çalyşmak ugrunda alnyp barylýan işler ýurduň ykdysady strategiýasynyň we senagat syýasatynyň bir görnüşi bolup, import edilýän senagat harytlaryny we tehnologiýalary milli önümçiligiň önümleri bilen çalyşmak ýurduň içindäki önüm öndürijileri goramaga gönükdirilendir.

Önümçiligiň döwrebaplaşdyrylmagyny höweslendirmegiň, onuň netijeliligini ýokarlandyrmagyň, goşulan gymmaty ýokary bolan täze önümleriň görnüşlerini özleşdirmegiň hasabyna milli önümleriň bäsdeşlige ukyplylygynyň artdyrylmagy esasy strategik ugurlaryň biridir. Şunda täze tehnologiýalaryň ýokary derejede ösdürilmegi, ykdysady taýdan işjeň ilatyň bilim derejesiniň ýokarlandyrylmagy öňde duran maksatlary üstünlikli amala aşyrmagyň möhüm şertleri bolup durýar. Importy çalyşmak meselelerini çözmegiň ýollarynyň we mehanizmleriniň dürliligine garamazdan, içki çig mal we zähmet gorlaryny ulanmagyň, önümçilik kuwwatynyň ösdürilmeginiň esasynda barha artýan islegleri kanagatlandyrmak, importyň ornuny tutýan önümleriň durnukly önümçiligini gazanmak möhüm ugurlaryň hatarynda durýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän we ýurdumyza import edilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň ýurdumyzda öndürilýän möçberlerini artdyrmak boýunça dünýä ösüşiniň häzirki şertlerinde importyň ornuny tutýan önümleri öz hususy önümçiligiň hasabyna üpjün etmegiň dünýäde maliýe-ykdysady çökgünligiň dowam edýän şertlerinde netijeli ugurlaryň biri hasaplanylýar.

Ýokary ykdysady netijeleri gazanmak üçin diňe bir önümçiligi döwrebap derejede ösdürmek, ýagny önümi öndürmek ýeterlik bolman, eýsem, olary içerki we daşarky bazarlarda ýerle-

тивных форм и методов продвижения экспорта, продуманных импортных операций – требование времени.

С этой точки зрения импортозамещение означает сокращение объема импортной продукции на внутреннем рынке, но не означает полную замену импортной продукции. Осмотрительное проведение политики импортозамещения экономически выгодно. Попытки заменить импортную продукцию являются формой экономической стратегии и промышленной политики страны, а замена импортных промышленных товаров и технологий продукцией национального производства направлена на защиту отечественных производителей.

Одно из основных стратегических направлений – повышение конкурентоспособности национальной продукции за счет стимулирования модернизации производства, повышения его эффективности, освоения новых видов продукции с высокой добавленной стоимостью. В то же время высокий уровень развития новых технологий и повышение образовательного уровня экономически активного населения являются важными условиями успешной реализации поставленных задач. Несмотря на разнообразие способов и механизмов решения вопроса импортозамещения, удовлетворение растущего спроса на основе использования отечественного сырья и трудовых ресурсов, развитие производственных мощностей, достижение устойчивого производства импортозамещающей продукции выступают в числе важных направлений. В данном контексте обеспечение импортозамещения и повышения объёмов экспортируемых за рубеж товаров за счёт собственных производств считается одним из оптимальных направлений в нынешнее время глобального финансово-экономического спада.

Для достижения высоких экономических результатов одним из важных вопросов на сегодняшний день остается не только современное развитие производства, то

mek hem häzirki döwrüň möhüm meseleleriniň biri bolmagynda galýar. Sebäbi bu ýagdaý önümleri ýerlemekde täze, netijeli usullaryň gözlenilmegini talap edýär. Sarp edijileriň täze bazaryny gözlemekde, az wagtyň içinde olaryň çalt özgerýän isleglerini kanagatlandyrmakda ýurtda, şeýle-de dünýäniň beýleki döwletlerinde guralýan sergi-ýarmarkalara gatnaşmak, söwda öýlerini açmak ýaly çäreler öz netijeliligi bilen tapawutlanýar.

Hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň 9-njy oktýabrynda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherine iş saparyny amala aşyryp, «EKSPO-2020» Bütindünýä sergisiniň çäklerinde Türkmenistanyň Milli gününiň açylyş dabarasyna gatnaşmagy, bu ýerde ýurdumyzyň önüm öndürijileriň öndürýän harytlarynyň dünýä äşgär edilmegi, bu aýdylanlaryň aýdyň subutnamasydyr.

Ýurdumyzyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ýeten sepgitlerini we gazanan üstünliklerini giňden dünýä tanatmakda «Türkmenistanda öndürildi» diýen haryt nyşanynyň «tanalmak indeksiniň» ýokarlanmagyna itergi berýän şertleriň biridir. Ýurdumyzda sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy netijesinde, sanly ulgamyň döredýän artykmaçlyklaryndan peýdalanyp, ýerli we daşary ýurtly alyjylar üçin ýurdumyzda öndürilýän önümleriň sanawy, hili, bahasy baradaky maglumatlaryň elýeterli bolmagy üpjün edilýär. Bu işleriň amal edilmegi bolsa, önüm öndürijileriň eksport amallarynyň döwrüň talabyna laýyklykda guralmagyny şertlendirýär.

«Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda milli ykdysadyýetimiziň gülläp ösmegi ugrunda ýadawsyz tagallalary edýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Aşyrmuhammet NAZAROW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy

есть производство продукции, но и ее реализация на внутреннем и внешнем рынках. Потому что эта ситуация требует поиска новых эффективных методов реализации продукции. Такие меры, как участие в торговых ярмарках в стране, а также в других странах мира, открытие торговых центров, известны своей эффективностью в поиске нового рынка для потребителей, удовлетворяя их быстро меняющиеся потребности за короткий период времени.

9 октября этого года уважаемый Президент посетил с рабочим визитом Дубай (ОАЭ) и принял участие в церемонии открытия Национального дня Туркменистана в рамках Всемирной выставки «ЭКСПО-2020».

Одним из условий повышения «индекса узнаваемости» торговой марки «Сделано в Туркменистане» является популяризация достижений и успехов нашей страны за годы независимости. В результате внедрения цифровой системы в нашей стране с использованием преимуществ, создаваемых цифровой системой, обеспечивается доступность информации о перечне, качестве и цене продукции, производимой в нашей стране, для местных и зарубежных покупателей. Выполнение этих работ предусматривает организацию экспортных операций производителей в соответствии с требованиями времени.

Желаем уважаемому Президенту, проявляющему неустанную заботу о развитии национальной экономики в году «Туркменистан – Родина мира и доверия» доброго здоровья, долголетия и успехов в государственной деятельности!

**Ашырмухаммет НАЗАРОВ,**
преподаватель Туркменского государственного института экономики и управления

# BITARAPLYK - PARAHATÇYLYGYŇ KEPILI

Türkmenistan döwletimiz ýeryüzünde parahatçylygyň, hoşniýetli gatnaşyklaryň, ynsanperwerlik ýörelgeleriniň dabaralanmagyny goldamak bilen, dünýä halklaryny agzybirlige, asuda durmuşa çagyrýan ýurt hökmünde çykyş edýär. Muňa türkmen bitaraplygynyň özboluşly ähmiýete eýe bolup, dünýäniň iri guramalarynyň derejesinde geçirýän maslahatlary hem, umumadamzat ähmiýetli öňe sürýän başlangyçlary hem aýdyň güwä geçýär. Garaşsyzlygyna eýe bolup, ösüş ýoluna düşen Watanymyz hemişelik Bitaraplygy bilen halkara giňişligindäki ornuny, hyzmatdaş döwletleri bilen ysnyşykly, hoşniýetli gatnaşyklaryny has ynamly dowam etdirip, milli ykdysady kuwwatyny täze sepgitlere ýetirdi.

Bitaraplyk Türkmenistanyň ykdysady taýdan ösmegine, onuň sebitde işjeňlik görkezýän syýasy subýektleriň birine öwrülmegine, Merkezi Aziýada we Hazar sebitinde howpsuzlyk we durnuklylyk derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam edýär. Hut Bitaraplyk hukuk derejesi ýurdumyza häzirki zaman howpsuzlyk ulgamy döredilende, sebitleýin hem halkara gapma-garşylyklaryň syýasy çözgütleri kabul edilende, töwekgelçilikleriň, wehimleriň öňi alnanda we olar aradan aýrylanda hyzmatdaşlygyň iň bir netijeli ugurlaryny saýlamaga mümkinçilik berýär.

Bitaraplyk — adamzadyň ýagty geljeginiň hatyrasyna alnyp barylýan işlere ýurdumyzyň goşýan belent ynsanperwer goşandy bolup durýar. Bu barada döwlet Baştutanymyz: «Türkmenistanyň Bitaraplygy diňe bir türkmen halkynyň däl-de, eýsem, bütindünýä bileleşiginiň gymmatlygydyr» diýip, belläp geçýär.

# Нейтралитет – гарантия мира

Туркменистан выступает как государство, призывающее народы мира к жизни в единстве, мире и согласии, поддерживая принципы спокойной жизни, добрых отношений и гуманизма на Земле. Об этом наглядно свидетельствует опыт взаимодействия Нейтрального Туркменистана на уровне крупнейших международных организаций мира, его инициативы по гуманитарным вопросам. Наша страна, обретшая независимость и находящаяся на пути развития, поддерживая тесные и сердечные отношения со странами-партнерами именно благодаря своему постоянному нейтральному статусу заняла особое место на международной арене, и подняла свой национальный экономический потенциал на новые высоты.

Нейтралитет способствует экономическому развитию Туркменистана, превращению его в одного из самых активных политических субъектов в регионе, а также повышению уровня безопасности и стабильности в Центральной Азии и Каспийском регионе. Именно правовой статус нейтралитета позволяет нашей стране выбирать наиболее эффективные направления сотрудничества в создании современной системы безопасности, принятии политических решений в региональных и международных конфликтах, предотвращении рисков и угроз и их устранении.

Нейтралитет — это огромный гуманитарный вклад, которую наша страна внесла во имя светлого будущего человечества. Как отмечает наш уважаемый Президент: «Нейтралитет Туркменистана - имеет неоценимое

Hut şu ýörelgeleri geçen ýylda Türkmenistanyň teklibi esasynda BMG-niň «2021-nji ýyl - Halkara parahatçylygyň we ynanyşmagyň ýyly» diýip yglan etmegi, şonuň bilen birlikde ýurdumyzda şu ýylyň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip atlandyrylmagy hem aýdyň görkezýär.

Türkmen bitaraplygynyň esasy maksady halkara borçnamalara hem-de halkara hukugyň kadalaryna berk we gyşarnyksyz eýerip, ýurduň geosyýasy we geoykdysady mümkinçiliklerini parahat durmuşyň we döredijilikli ösüşiň hatyrasyna gönükdirmekden ybarat bolup durýar. Şoňa görä-de, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly abraýly halkara guramalar, Ýuwaş umman we Aziýa sebitleri, Orta we Ýakyn Gündogar, Ýewropa we Amerika ýurtlary bilen syýasy, ykdysady, medeni ugurlarda gatnaşyklary pugtalandyrmaga we çuňlaşdyrmaga aýratyn ähmiýet berýär.

Ýurdumyzyň halkara söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek, howanyň üýtgemegi netijesinde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bagly teklipleri, daşky gurşawy goramak, energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, halkara ulag geçelgelerini döretmek ugrundaky başlangyçlary dünýäde giň goldawa mynasyp bolýar. Bu ugurda Aşgabat şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy hem dünýä bileleşiginiň ýurdumyzyň parahatçylyk söýüji syýasatyny ykrar edýändigine aýdyň şaýatlyk edýär. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy sessiýasynda 193 döwlet tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» Kararnamasynyň biragyzdan gaýtadan kabul edilmegi bolsa öz gezeginde dünýä döwletleri tarapyndan milli Liderimiziň «Ösüş arkaly parahatçylyk» syýasatynyň goldanylýandygynyň ýene bir subutnamasyna öwrüldi.

значение не только для туркменского народа, но и для всего мирового сообщества». Единогласное принятие государствами-членами Генеральной Ассамблеи Организации Объединённых Наций Резолюции «2021 год - Международный год мира и доверия», выдвинутой Туркменистаном, а также объявление следующнго года, годом «Туркменистан — родина мира и доверия» явяется ярким потверждением этому.

Основная цель туркменского нейтралитета - соблюдение международных обязательств и норм международного права, а также сосредоточение внимания на геополитическом и геоэкономическом потенциале страны во имя мирной жизни и творческого развития. Туркменистан придает большое значение укреплению и углублению культурных связей с такими авторитетными международными организациями как ООН, Европейский Союз, Шанхайская организация сотрудничества, Содружество Независимых Государств, Организация по безопасности и сотрудничеству в Европе, Движения неприсоединения, Организация исламского сотрудничества, а также со странами Тихоокеанского и Азиатского региона, Ближнего и Среднего Востока, Европы и Америки.

Инициативы нашей страны по развитию международных торгово-экономических отношений, обеспечению экологической безопасности в результате изменения климата, защите окружающей среды, обеспечению энергетической безопасности, созданию международных транспортных коридоров находят широкую поддержку в мире. В этой связи открытие в Ашхабаде Регионального центра ООН по превентивной дипломатии в Центральной Азии является ярким свидетельством признания мировым сообществом миролюбивой политики нашей страны.

Единогласное принятие Декларации «О постоянном нейтралитете Туркменистана» при поддержке 193 государств на 69-й сессии Генассамблеи ООН 3 июня 2015 года,

Bellenip geçilişi ýaly, Türkmenistan hemişelik Bitaraplygyny gazanmak, şeýle-de bu ugurda ynamdar hyzmatdaş döwlet hökmünde çykyş etmek bilen halkara giňişligindäki ornuny, hyzmatdaş döwletleri bilen ysnyşykly, hoşniýetli gatnaşyklaryny has ynamly dowam etdirýär. Bu milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda bolşy ýaly, maliýe bank ulgamynda hem täzeden-täze gözýetimleri yzygiderli amala aşyryp, dünýä tejribesine eýermäge giň mümkinçilik berýär. Şol sanda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň işine hem ýurdumyzyň ýüzündäki abraýy uly täsirini ýetirip, onuň döwrebap, aýratyn-da degişli ugurda iş alyp barýan halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygyny ösdürmegine berk esas döredýär. Şonuň netijesinde hem bank hormatly Prezidentimiz tarapyndan kabul edilen «Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2019 - 2025-nji ýyllar üçin maksatnamasyny» durmuşa geçirmek bilen, tejribesine maliýe dolanyşygynyň döwrebap usullaryny we tehnologiýalaryny girizýär.

Türkmenistan döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy ýurdumyzyň daşary ykdysady syýasatynyň döredijilikli we oňyn häsiýete ýugrulandygyny aýdyňlygy bilen görkezýär. Umuman, hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýymyz biziň ýurdumyza bildirilýän ynama we dünýä giňişliginde onuň eýeleýän ornunyň berkligine güwä geçýär.

**Gyzylgül ALYÝEWA,**
Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň
Meýilleşdiriş we strategiki ösüş bölüminiň başlygy

является еще одним свидетельством высокого признания внешней политики Лидер нации «Мир через развитие».

Как уже отмечалось, Туркменистан проводит политику постоянного нейтралитета, а также выступает в качестве надежного партнера в этой области, благодаря чему все более укрепляет роль страны на международной арене и поддерживает более доверительные и сердечные отношения со своими партнерами. Эти обстоятельства, предоставляют широкий спектр возможностей для достижения новых горизонтов и следования мировой практике в финансово-банковской системе и в других секторах национальной экономики. В частности, работа Государственного банка внешнеэкономической деятельности Туркменистана оказывает глубокое влияние на престиж страны и закладывает прочную основу для ее сотрудничества с современными международными организациями, которые работают в соответствующих областях. В результате, банк в рамках реализации программы уважаемого Президента Туркменистана по социально-экономическому развитию страны на 2019–2025 годы успешно внедряет в свою практику современные методы и технологии финансового менеджмента.

Статус постоянного нейтралитета Туркменистана отражает тот факт, что внешнеэкономическая политика нашей страны носит творческий и позитивный характер. В целом, наш постоянный статус нейтралитета свидетельствует о доверии к нашей стране и важнейшей ее роли в мире.и позитивный характер.

**Гызылгуль АЛЫЕВА,**
начальник отдела Планирования и
стратегического развития Государственного банка
внешнеэкономической деятельности Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2021-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 декабря 2021 г.**




**2021-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 декабря 2021 г.**




**2021-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 декабря 2021 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
### Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2021-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
### Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 декабря 2021 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
### Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
### Кредиты кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
### Кредиты кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2021-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
### Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 декабря 2021 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
### Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi<br>ед. измер. | 01.12.2020 | 01.01.2021 | 01.12.2021 | 01.12.2021<br>01.01.2021-e,<br>%-de | 01.12.2021<br>01.12.2020-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **11** | **11** | **10** | *90,9* | *90,9* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие | sany / ед. | 4 | 4 | 3 | *75,0* | *75,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие | sany / ед. | 4 | 4 | 5 | *125,0* | *125,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков | sany / ед. | 2 | 2 | 1 | *50,0* | *50,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **147** | *100,0* | *100,0* |
| **3. Karz edaralaryň hyzmat edýän müşderileriniň sany**<br>Количество обслуживаемой клиентуры кредитных учреждений | sany / ед. | * | **5 752 002** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | * | **8 167,0** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat<br>млн манат | **5 674,3** | **6 003,6** | **6 208,5** | *103,4* | *109,4* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan, karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **10 387,76** | **12 243,10** | **4 696,89** | *38,4* | *45,2* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредиты кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat<br>млн манат | **69 729,8** | **70 322,80** | **77 198,42** | *109,8* | *100,9* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat<br>млн манат | **39 101,38** | **39 289,33** | **37 593,47** | *95,68* | *96,1* |

*Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом*

## 2021-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 декабря 2021 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **23** | 3 | 9 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **23** | 1 | 5 | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **50** | 7 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **3** | | 2 | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **31** | 4 | 7 | 3 | 4 | 7 | 6 |
